# «Uly şefiñ» görkezmesi… NATO-nyñ 2030-njy ýyl beýanaty…

Category: Kitapcy,Publisistika,Sözler
написано kitapcy | 24 января, 2025
"Uly şefiñ" görkezmesi… NATO-nyñ 2030-njy ýyl beýanaty… «ULY ŞEFIÑ» GÖRKEZMESI… NATO-nyñ 2030-njy ÝYL BEÝANATY…

2021-nji ýylyñ 3-nji marty…
ABŞ-nyñ Prezidenti Jo Baýden daşary syýasatda näme işleri etjekdiklerini Wagtlaýyn Döwlet howpsuzlyk strategiýasy gözükdirmesinde (Interim National Security Strategic Guidance) gürrüñ berdi:
Baýden şeýle diýdi:

*– …Häzir ABŞ-nyñ ykbaly deñizden añyrdakylar bilen hemişekisinden has köp wakalar aýrylmaz baglanyşyklydyr. Global epidemiýa bilen ýüzbe-ýüz galdyk, eziji ykdysady yza gaýdyşlyk, etniki adalat konflikti bar. Möwjän milletçilik dünýäsi bilen garşyma-garşy galdyk, demokratiýadan daşlaşýarys. Hytaý, Russiýa we beýleki awtoritar döwletler bilen artýan bäsdeşlik… Biziñ üçin görlüp-eşdilmedik kynçylyklar bilen bir hatarda deñsiz-taýsyz mümkinçilikleriñ döwrüdir.* – «Uly şef» sözüni dowam edip, mus-musyñ mustapasyny aýtdy: *– Hususanam Hytaý tehnologiýa pudagynda çaltlyk bilen ösüp, öñe saýlandy. Russiýa dünýä sahnasynda. Hem Pekin, hem Moskwa tehnologiýa boýunça alnyp barylýan işlere ummasyz köp maýa goýumlaryny goýdy. ABŞ-ny goramak şol bir wagtyñ özünde goranmak boýunça býužetimizde anyk işleri kesgitlemegiñ gerekdigini añladýar. Hemme zatdan ötri güýjümize hyzmat edýån adamlara maýa goýumlaryny goýmaga dowam etmelidiris. ABŞ-nyñ Ýaragly Güýçleriniñ iñ gowy ýagdaýda bolmagyny gazanmaly. Barha artýan strategiki kynçylyklaryñ garşysynda öñe çykan Hytaýa we ynjalykdan gaçyryjy Russiýa garşy amatly gurluşy, mümkinçilikleri gözden geçireris.*

«Hiç bir sebäp gözlemezden uruşa nälet!» diýýänler «täze dünýäniň» we «köp polýusly ýaşaýyşyň» täzeden başlandygyny nämüçin görenokka? Şonça köp kitap okap, şonça köp halkara konferensiýalara gatnaşyp we şonça köp ezýänlerdir ezilýänleriň gürrüňini edip, ýagdaýa göz ýetirip bilenoklar! Ýa-da bähbitlerine saz gelýändigi üçin aňsadyna seredýärler!
Baýdeniň bu «gözükdirme kitapçasyny» mälik eden wagty 2021-nji ýylyň 3-nji martyna gabat gelipdi… Üç aýdan soň bir ýygnanşygyň bolmagyna garaşylýardy, «uly şef» eýýäm oňa taýýarlykly ýagdaýdady!

- **Täze eýýama utgaşykly täze syýasy rol**

2021-nji ýylyň 14-nji iýuny… «NATO-nyň 2020-njy ýyl beýanatynyň» ara alnyp maslahatlaşylan Brýussel şäheri.
Şol gün Demirgazyk Atlantik şertnamasy guramasynyň (NATO) döwlet ýolbaşçylarynyň we hökümet başlyklarynyň 31-nji resmi ýygnanşygy bolup geçdi. Muny Daşary işler ministrliginiň internet saýtyndan okalyň:

“… NATO-nyň baş sekretary Jens Stoltenberg 2019-njy ýylyň 4-nji dekabrynda Londonda geçirilen liderleriň ýygnanşygynda NATO-nyň döwlet we hökümet ýolbaşçylary tarapyndan bileleşigiň strategiki we syýasy rolunyň güýçlendirilmegine gönükdirilen «Seljerme işini» başlamak wezipe edip goýupdy.
Munuň çäginde «Seljerme prosesini» ýöretmek üçin baş sekretar tarapyndan arasynda ilçi Tajan Ildemiňem bolan on agzadan ybarat topar döredildi. Topar tarapyndan 2020-nji ýylyň 25-nji noýabrynda baş sekretar we 2020-nji ýylyň 1-nji dekabrynda NATO ýurtlarynyň daşary işler ministrleriniň ýygnagyna hödürlenen taslamama degişli gysgaça beýanat aşakda görkezilen.»

On agzanyň taýýarlan «NATO-nyň 2030-njy ýyl beýanatynyň «Täze eýýama utgaşykly täze syýasy rol» sözbaşyly bölümine göz gezdireliň:

«…2030-njy ýyla çenli NATO-nyň gurulyş missiýasyny goramak

bilen bir hatarda bu missiýany goldamak üçin gerekli sazlaşygy üpjün etmekde kösençlik çekýän… NATO-nyň içindäki syýasy garaýyşlaryň deň gelmezliginiň Russiýa we Hytaý ýaly daşarky aktýorlaryň çäresini mümkin kylan… Ýaranlaryň arasynda agzybirligiň üpjün edilmedik ýagdaýynda NATO-nyň agzalarynyň synaglara garşy ýeke galjakdyklary… Russiýanyň we Hytaýyň bir wagtda geosyýasy we ideologik basdaşlygynyň garşysynda NATO-nyň syýasy utgaşyga mätäçlik duýýandygy… Global synaglar eýýamynda NATO-nyň uly syýasy jogapkärçilige we mümkinçiliklete eýedigi…»

Ukraina meselesine düşünmekde kynçylyk çekýänler üçin diýseň açyk ýazylan beýanat dälmi? «Russiýanyň we Hytaýyň basdaşlygyna garşy» diýen sözleriň aşagyny çyzyň we ýazgynyň başyndaky Baýdeniň Moskwa-Pekin ýaňzytmasyna serediň!
Diňe şularmy?..

- **“Russiýa garşy bökdeýjilik”**

Beýanatda NATO-nyň 2030-njy ýyla çenli döwürde üns bermeli 138 ugura ýer berilendigi nygtalýar. Bularyň klassifikasiýalaşdyrylan ýigrimi sözbaşysynyň her birinde öňe çykanlar şeýleräk sanalýar: 2010-njy ýyla degişli Strategik Konsepsiýa resminamasynyň aktuallaşdyrylmagy… Russiýa garşy bökdeýjilik we dialogy bilelikde öz içine alýan jübüt zolakly çemeleşmäniň ulanylmagy… Syýasy utgaşygyň we bileleşigiň dowam etdirilmegi… Transatlantik konsultasiýanyň güýçlendirilmegi… NATO-nyň we Ýewropa bileleşiginiň arasyndaky howpsuzlygyň we düşünişmegiň iň ýokary derejede täzeden janlandyrylmagy… Russiýa garşy Ukraina meselesi barha-da anyklaşýarmy? Ýene biraz aýratyn maglumat bereýin…
Beýanatyň “Esasy wezipeler” bölüminiň 12-nji maddasy:

“… NATO hyzmatdaşlygyny guramanyň strategik bähbitlerini ösdürmek we has gowy ulanmak üçin sferalaýyn meýilnama taýýarlamalydyr. Häzirki talap merkezli çemeleşmeden gyzyklanma merkezli çemeleşmä geçmelidir. NATO giňelmeli ve güýçlendirmeli. Ukraina we Gürjüstan bilen hyzmatdaşlyklar…”

NETIJE: Jo Baýden 2021-nji ýylyñ 3-nji martynda «Barha artýan strategiki kynçylyklaryñ garşysynda öñe çykan Hytaýa we ynjalykdan gaçyryjy Russiýa garşy amatly gurluşy, mümkinçilikleri gözden geçireris» diýipdi. NATO şondan üç aý soñ 2021-nji ýylyñ 14-nji iýunynda «Russiýa garşy bökdeýjilik we dialogy bilelikde öz içine alýann jübüt zolaklh çemeleşmäniñ ulanylmagy» jümlesini ulandy.

Aýtunç ERKIN.

«SÖZCÜ» gazeti, 09.03.2022 ý. Publisistika